Häzirki zaman dünýäsi tebigaty goramak, daşky gurşawy arassa saklamak we durnukly ösüşi üpjün etmek üçin täze ykdysady ugra — ýaşyl ykdysadyýete ýüzlenýär. Bu düşünje diňe ykdysady ösüş bilen çäklenmän, eýsem, adamzadyň uzak geljekde sagdyn we howpsuz ýaşamagyny maksat edinýän ýörelgeleri özünde jemleýär.

Ýaşyl ykdysadyýet baradaky pikir ilkinji gezek geçen asyrda ylmy işlerde ýüze çykyp, 1992-nji ýylda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen BMG-niň Daşky gurşaw we ösüş boýunça konferensiýasynda giňden ara alnyp maslahatlaşyldy. 2012-nji ýylda geçirilen Rio+20 halkara maslahatynda bolsa, ýaşyl ykdysadyýet durnukly ösüşiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde resmi taýdan ykrar edildi.

Bu ykdysady modeliň esasy maksady — ykdysady ösüş bilen daşky gurşawy goramagyň sazlaşygyny gazanmakdyr. Onuň esasy ýörelgeleri:

- Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerinden — gün, ýel, suw energiýasyndan peýdalanmak,
- Tebigy baýlyklary tygşytly we rejeli ulanmak,
- Ekologiýa taýdan arassa önümçiligi ösdürmek,
- Ulag ulgamyny döwrebaplaşdyrmak,
- Ekologiýa taýdan arassa iş orunlaryny döretmek.

Türkmenistanda hem ýaşyl ykdysadyýete aýratyn ähmiýet berilýär. “Akylly” we ekologiýa taýdan arassa Arkadag şäheri ýaşyl ykdysadyýetiň nusgalyk modeli hökmünde öňe çykýar. Şeýle-de, gün we ýel energiýasy boýunça alnyp barylýan taslamalar ýurdumyzyň bu ugurdaky öňdebaryjy başlangyçlarynyň aýdyň subutnamasydyr.

Ýaşyl ykdysadyýet häzirki döwrüň iň möhüm talaplarynyň biridir. Tebigaty goramak, durnukly ösüşi üpjün etmek we geljekki nesiller üçin sagdyn ýaşaýyş gurşawyny döretmek maksady bilen bu ugra daýanmak dünýä ýurtlarynyň öňünde durýan wajyp wezipedir.

**Aýmanjan ATAJANOWA**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены
save pdf date >>> 25.01.2026